# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL, EDEBIÝAT WE MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

*Makalalar ýygyndysy*

*Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry*
*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beden we ruhy taýdan kämil, ahlak taýdan arassa nesilleri terbiýelemekde şahyryň öwüt-ündewe ýugrulan şygyrlary görelde mekdebidir. Akyldar şahyryň ynsan ahlagy hakdaky pikirlerini özüne ýol-ýörelge edinen islendik adam kämil şahsyýet derejesine göterilip biler.

**EDEBIÝAT**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat. TDNG, 2014.

2. *Amansähedow M.* Edebiýat teoriýasy. – Aşgabat. TDNG, 2012.

3. *Annamuhammedow M.* Magtymguly gizlin syryň bar içde... . – Aşgabat. Magaryf, 1997.

4. Magtymguly. Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat: TDNG, 2014.

5. *Ödäýew O.* Magtymguly Pyragy. Makalalar ýygyndysy. – Aşgabat. TDNG, 2014.



***Gülşat ÝUSUPOWA,***

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*

*Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory*


# MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA SYPAÝÝÇYLYK HÄSIÝETIŇ BEÝAN EDILMEGI

XVIII asyrdan bäri türkmeniň ruhy ganaty we şamçyragy bolup gelýän beýik akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijilik temasynyň örüsi köp taraplydyr. Magtymgulynyň goşgularyny okan her bir okyjy durmuşda gabat gelýän iň çylşyrymly ýollardan baş alyp çykmaklygyň aýdyň ýollaryny tapýandyr. Adamyň her bir hereketiniň talabalaýyk bolmagy, onuň ilhalar bolup ýetişmegi üçin elmydama halk nakyllaryny hem Magtymguly Pyragynyň goşgularyny ýüreginiň senasyna öwürmegi maslahat berilýär. Türkmen halky elmydama terbiýe meselesine uly üns beripdir hem-de bu meselä çagalykdan çynlakaý çemeleşmäge çagyrypdyr. “Çaga eziz, edebi ondanam eziz” [1. 345 s.] -diýişi ýaly, ynsanyň iň gymmatly hazynasy, mirasy bolan nesliniň edebiniň ýokary derejede bolmagyny alada edýär. Çünki “Adam bir ýaşar, edebi iki” [1. 54 s.]. Çagalary watansöýerlik, ahlaklylyk, ynamlylyk ruhunda terbiýelemek işinde esasy borç zenanlaryň gerdenine düşýär. Sebäbi eneler gije-gündiz balalarynyň aladasy bilen dem alýar. Şahyr zenanlaryň maşgalada,çagalary terbiýelemekde, aýratyn hem asylly, edep-ekramly, işjeň gyzlary we mert, batyrgaý, watana wepaly, il-halkyň aladasyny edýän oglanlary kemala getirmekde uly hyzmatynyň bardygyny nygtaýar. Magtymguly zenan maşgalanyň

akyllylygy, zähmetsöýerligi, salyhatlylygy bilen gyzlaryna görelde görkezmelidigini ündeýär. Şahyr:

Maňlaýy bir garyş, bolsun at ýüzli,
Tawus guş simaly, ütelgi gözli,
Mylakatly, şirin tilli, hoş sözli,
Ol periler kä ýigide duş geler

-diýip ýazypdyr. Elbetde, Magtymgulynyň ähli ugurdan ýazan goşgulary dünýä edebiýatynyň gymmatly hazynasy bolup durýar. Şol sebäpli, onuň köptaraply döredijiliginiň giňişleýin öwrenilmegi zerurdyr.

"Köp sözüň azy ýagşy, az sözüň - uzy" diýilşi ýaly, nakyllaryň düýp manysy Magtymgulynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol öz watandaşlaryna manyly, azdan uz, mylaýym geplemek, çyn sözli bolmak terbiýesini beripdir [2. 7 s.].

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde watançylyk mowzugy aýratyn orun eýeleýär. Şahyryň "Ýigit bolsaň, ýoknasyzlyk eýleme. Batyr bolsaň, etjek işiň oýlama" diýen setirleri hem şu günki we geljekki nesilleri terbiýelemekde möhüm ähmiýete eýedir. Magtymguly Pyragy ýaramaz gylyk-häsiýetleri berk ýazgarypdyr. Şahyr öz halkynyň beýik söz ussady hem akyldary hökmünde döwürdeşlerine hem-de özünden soňky nesillere watançylygy, adamkärçiligi, oňat-gylyk häsiýetleri ündäpdir. Hut şonuň üçin hem şahyryň ençeme goşgulary terbiýe meselesi bilen baglanyşyklydyr. Ajaýyp söz ussady halkyň, adamlaryň durmuşynda ýüze çykýan derwaýys meselelere ýüzlenipdir. Jemgyýetçilik durmuşynda halanmaýan ýaramaz gylyk-häsiýetleri, adamyň abraýyna şikes ýetirýän nogsanlyklary açyp görkezipdir. Ynsanperwerligi, mertligi, watançylygy, jomartlygy wasp edipdir. Şahyr ynsanlaryň birek-birege hormat goýmagyny, mylakatly bolmagyny, gamgyny görende göwünlik bermegini ündeýär. Magtymguly Pyragynyň "Akylyň bolsa, ýagşylarga hemdem bol,//Akmak özün nadan bile ýar eýlär", "Asla adamzada ajy söz urma,// Pahyra-misgine delalat ýagşy" diýen setirleri hem nesilleri ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Şahyryň döredijiliginde ahlak sypatlarynyň biri bolan sypaýyçylyk, mylakatlylyk düşünjelerine hem uly orun berilýär. Çünki adamzat durmuşynda her bir ýagdaý başyna düşende hem adamkärçilik sypatlaryny saklamaga, ýagşy sözläp, ýagşy pikirde bolmaga çalyşmaly. Islendik ýaşdaky adam sypaýyçylyk, mylakatlylyk häsiýete eýerse, onda onuň bilen gatnaşykdaky, daş-töweregindäki adamlaryň hem oňa bolan garaýşy üýtgär, dawa-jenjelden daşda bolar hem-de islendik düşünişmezligiň öňüni alar. Bu barada halk içinde söýlüp okalýan, bagşylaryň saza geçiren "Gidiji bolma" goşgusynda anyk ýazylan:

Eger sen hem bolsaň nermi-mylaýym,
Mylaýym sen bolsaň, guluň bolaýym,
Gulagymga beren pendiň alaýym,
Kişige gaty söz aýdyjy bolma [2. 191 s.].

Söz – aýry-aýry düşünjeleri aňlatmak üçin hyzmat edýän dil birligi [3. 310 s.]. Sözüň adama ýetirýän täsiri barada şahyr "Geçer sözi janyňdan" goşgusynda şeýle setirler bilen beýan edýär:

Bolan işler barça hakyň işidir,
Aňa ten bermegen akmak kişidir,
Bir ýaman söz jana ýylan dişidir,
Soksa, zähri asan çykmaz iniňden.

Şahyryň "Ýoldaş bolan" şygryndaky setirler hem bu düşünjä güwä geçýär:

Her ýaman söz ýürek bular,
Ýagşyny älem arzuwlar.

Ýagşy sözli adam elmydama halk içinde uly hormata mynasyp bolup, islendik jemgyýetde hezzet-hormat bilen garşylanýandyr. Magtymgulynyň "Ýagşy at galsyn" diýen goşgusynyň ikinji bendinde sypaýyçylykly bolmaklyga çagyrýar, sypaýyçylygyň ilkinji ädimi hem ýagşy sözlemekden başlanýar:

Ýagşy söze gulak salgyl,
Säher wagty bidar bolgul,
Ýagşylardan alkyş algyl,
Ömrüň artyp, zyýat galsyn.

Şahyryň "Märekä barmaz" goşgusynyň aşaky setirlerinde artykmaç sözleýän adamyň dilinden bela gazanýandygy hakynda söz açylýar:

Akylly az gürlär, gorkar tilinden,
Namart aýyp gözlär dogan ilinden.

Magtymguly Pyragy "Zat ýagşy" goşgusynda aýdyljak pikiriň anyk hem düşünikli bolmaklygyny, her bir sözi örän oýlanyşykly, pikirlenip aýtmalydygyny ündeýär:

Magtymguly dostdan syryň gizleme,
Biwepadyr, nämähremi gözleme.
Ümsüm otur, halk içinde sözleme,
Sözlär bolsaň, söz aslyna ýet ýagşy.

Şahyr adamyň ýalňyşmazlygyny, bolar-bolgusyz zatlaryň pidasy bolmazlygyny isleýär. Hut şonuň üçin onuň bütin döredijiligi adamy dogry ýola gönükdiriji mekdep bolup durýar.

Adamyň içki dünýäsi bilen sazlaşykly daş-töweregine bolan garaýşy hem şahyryň üns merkezinden düşmändir. Çünki adamyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagy, tebigaty aýawly saklamak, sazlaşykly ýaşamaklyga çalyşmak ata-babalardan gelýän nakyllarda hem ündelýär. Tebigat, onuň baýlyklary, olary rejeli ulanyp, gorap saklamagyň zerurlygy, tebigat ylmynyň kanunlary we kanunalaýyklyklary baradaky maglumatlar watançy, tebigaty söýüji şahyr Magtymguly Pyragynyň hem durmuşy ähli ugurlary bilen baglanyşykly ýazan şygyrlaryna siňipdir. Tebigat dag, suw, toprak, ýeriň üsti (relýefi), howa, ösümlik, haýwanat dünýäsi ýaly düzüjilerden (komponentlerden) durýar. Şahyr öz şygyrlarynda şularyň ählisiniň gurluşyny, aýratynlyklaryny, gözelliklerini guwanç bilen wasp etmegi başarypdyr. Beýik şahyr

«Dag saýar», «Duman göterler», «Zemine batar», «Bolarsen», «Dünýä goluňdan», «Gara daşdan aýrylsa», «Atly, ýaranlar», «Bolsun Pyragy» we beýleki şygyrlarynda daglaryň, topragyň emele gelşini, olaryň ewolýusiýasyny, ýeriň birnäçe gatlaklardan durýandygyny ussatlyk bilen belläpdir [5. 96 s.].

Türkmen edebiýaty beýleki halklaryň medeniýetinden üzňe özbaşdak bir ýerden dömüp çykan ýaly bir hadysa däl-de, ençeme asyrlaryň dowamynda köp döwletler, halklar, taýpalar bilen syýasy, ykdysady we medeni aragatnaşykda bolup kemala gelen edebiýatdyr. Halkyň milli häsiýeti, ruhy bu edebiýatyň esasy özenini düzýär, emma şol bir halatda türkmen edebiýatynda umumadamzat meseleleri hem giň orun alýar. Şeýle giň meseleleriň goýluşy, çözgüdi ençeme asyrlaryň dowamynda beýleki milletler, halklar bilen gatnaşykda döräpdir.

Şoňa görä-de, Magtymgulynyň poeziýasynyň Gündogar edebiýaty bilen baglanyşygyny öwrenmek, diňe bir şahyryň döredijiligini öwrenmek üçin wajyp bolman, eýsem, XVIII asyr türkmen edebiýatynyň ösüş taryhyny öwrenmek üçin hem ähmiýetlidir [6. 19 s.]. Onuň wajyplygy her bir ynsan üçin zerur bolup, öz häsiýetini kämilleşdirmekde, timarlamakda maslahat beriji, edep-ekramlylyga çagyrýan, ruhy galkynmany ündeýän esasy pikirleriň jemlenmesidir.

**EDEBIÝAT**


1. Paýhas çeşmesi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
2. Magtymguly. Saýlanan eserler. – Aşgabat: “Türkmenistan” neşirýaty, 1976.
3. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
4. *Şyhnepesow A.* Magtymgulynyň älemi// – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
5. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty. Magtymguly – ylham çeşmesi// – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
6. *Mustakow R.* Magtymguly we Gündogar edebiýaty// – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.



***Dursunjemal BABALYÝEWA,***

*TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň ylmy işgäri*


# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TEKEPBIRLIK TEMASYNYŇ IŞLENILIŞI

Ynsanperwerlik we ahlaklylyk meseleleri hemme döwürlerde hem jemgyýetçilik tapgyrlarynda çeper edebiýatyň baş wezipesi bolup gelipdir. Hoja Ahmet Ýasawy, Abu Nasr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Abusagyt Abulhaýyr (Mäne baba),